**Allaguly Garahanow**
**(1892-1938)**

Allaguly Grahanow özüniň neşir edilen «Türkmen diliniň gramatikasy», okuw maksatlary üçin ýazan ýa-da terjime eden beýleki gullanmalary, birnäçe makalalary hem-de guramaçylykly we praktiki işleri bilen türkmen dil ylmynyň taryhynda yz galdyrdy. Ýöne henize çenli onuň käbir derňewlerinde, çap etdiren işlerinde öňe süren pikirlerine, anyk meseleler boýunça salgylanyp, diňe ady tutulyp geçilýär diýäýmasaň, A.Grahanowyň ömri we ylmy döredüjiligi ýeterlik derejede öwrenilmän gelýär.

«Türkmen azatlygy» diýilýän «anti Sowet» guramanyň agzasy hökmünde «feodal-milletçi» ideýalary wasp eden «klassiki şahyrlary halkyň arasynda ýaýradandygy, hem-de partyýa we hökümet tarapyndan türkmen dili boýunça geçirilen refomlary böwet bolup saklandygy» üçin günä ýöňkelip, 1937-nji ýylyň 20-nji sentýabrinde tussag edilýär. Allaguly Grahanow «NKWD» niň «üçliginiň» (troýka sudunyň) 1938-nji ýylynyň 25-nji ýanwardaky karary bilen iň ýokary jeza-atuwa- höküm edilýär, bu aýlyganç höküm şol ýylyň 26-nji fewralynda Aşgabatda ýerine ýetirilýär.

Arhiwlerde tutalitar düzgüniň sansyz pydalarynyň, şol sanda Allaguly Grahanowyň hem nirde jaýlanandygy hakynda maglumat ýok. Şondan 20 ýyldan köpräk wagt geçen soň 1959-nji ýylyň 4-nji dekaberinde Türkmenistanyň ýokary sudunyň jenaýatlar işleri boýunça sud topary tarapyndan A.Garahanowa garşy gozgalan jenaýat işi esassyz tapylyp ýatyrylýar we ol aklanýar, ýöne onuň alym hökmünde ylymdaky hukugy doly dikeldilmeýär. Onsoň onuň galdyran myrasynyň we ömür ýolunyň öwrenilip, köpçülige ýetirilmegi zerur. Şu nukdaý nazardan seredilende, türkmen dil biliminiň taryhyny öwrenmegine uly goşant boljagy ikujsyz.

1892-nji ýylda Marynyň töweregindäki Mülki bagşy obasynda eneden dogulan A.Garahanow ýaşka ýetim galyp, daýysy Oraz Çaryýewiň maşgalasynda terbiýelenýär. A.Garahanow Mary töwereklerinde meşhur bolan Gadam ahunyň elinde okaýar, soňra Buhara gidip, mederesäniň talyby bolýar. Düýpli bilim almak maksady bilen Ufa şäherindäki Ýewropa tipli ýokary okuw jaýyna ýerleşýär. Häkimiýet Sowetleriň eline geçen soň Daşkentde Orta Aziýa uniwersitetini tamamlap, ýokary bilim alýar we şol ýerdäki «İnpos»da işe başlaýar. Gaýgysyz Atabaýewiň tabşyrygy bilen 1920-nji ýylda Maryda mugallym taýýarlamak boýunça ýokary kurslary açýar. Kurslary gutaranlar, mugallymçylyk etmek üçin mekdeplere, tehnikomlara we ýokary okuw jaýlaryna iberiliýär. Türkmenistan Ylymlar Akademiýasynyň habarçy agzasy, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Hydyr Derýaýewiň 20-nji ýyllarda özüni, A.Grahanowyň Daşkende äkidip, "Türkmen İnposyna" okuwa ýerleşdirendigini, onuň her tomusda Maryda we Türkmenistanyň beýleki ýerlerinde bolup, zehinli ýaşlary gözläp tapyp, olary okuwa salmak üçin Daşkende äkidişiniň, oglanlaryň ata-enesinden aýrylyp, ýat şähere gitmejek bolup, otla münmän, münden soňam gaçyp galjak bolup, duruşlaryna ençeme gezek şaýat bolandygyny gürrüň beripdi. Kommunistik Partyýanyň agzasy bolan A.Grahanow, 1937-nji ýylda tussag edilen wagty "Mülki bagşy" obasynda doktorlyk punktiniň (klinikanyň) müdüri bolup işleýär. Şonda onuň aýaly Jumasoltan bilen 8 ýaşly oguljemal, 6 ýaşly Enejan, 4 ýaşly Akjemal we 1 ýaşlyja

Türkmeni Öwreniş Merkez

Ogulhally atly dört sany gyzy yzynda galýar. Bize, häzirlikçe Allaguly Grahanowyň ömrüne we maşgala durmuşyna degişli şu aýdylanlardan başga dokumental maglumatlary gola salmak başartmady.

Eýsem, medisina ugrunda bilim alan Allaguly Garahanow näme üçin dil bilimi bilen şeýle içgin gyzyklandyka? Munuň özüne ýetesi sebäbi bar. 20-nji ýyllarda ýörite hünärli kadrlaryň iňňän azdygy sebäpli, türkmen diliniň meseleleri bilen diňe bir dilçiler däl, eýsem başga kärdäki adamlar hem meşgullanypdyr. Şeýle adamlaryň görnüklileriniň biri hem A.Garahanow bolupdyr. Ol meşhur türkmen dilçileri, Muhammed Geldiýew hem-de Kümşaly Böriýew bilen bir hatarda 1922-nji ýylyň aprelinde Daşkentde döredilip, türkmen dilini öwrenmegiň we okatmagyň şol döwür üçin wajyp meselelerini işlän ilkinji ylmy gurama bolan «Türkmen bilim komisýasynyň» agzalygyna saýlanýar. Bu komisýada görnükli tatar dilçisi prof. Ebad Alparow hem işläpdir.

A.Garahanowyň 1923-nji ýylda Daşkentde Türkmenistan hökümet neşriýaty tarapyndan daşbasma usulynda 5 müň tiraj bilen neşir edilen «Ene dilimiz» atly 3-nji okuw ýyly üçin niýetlenen 71 sahypalyk kitabyna 1922-nji ýylyň 24-nji oktiýabrynda ýazan sözbaşysy şeýle sözler bilen başlanýar:

> *«Bu "Ene dilimiz" atly kitapny ýazmakny üstüňe almakda bu dogruda özümni mutahasses (spesialist) hasaplap ýazmaga girişdim, belki başga bir höwesek kişi tapylmadygyndan ene dilimizde okuw kitabynyň örän gereklidigini göz öňüe tutup, "taýak ýetýänçä-ýumruk" diýen ýaly, ýagşyrak ýazujylar tapylýança, oňşuk bolup durýar umudy bilen ýazdym.»*

Çagalaryň okamak endigini ösdürmek, düşünjesini artdyrmak üçin niýetlenen bu gollanmada, türkmen nakyllary, matallary, aýdymlary ertekileri, rowaýatlary, dürli gürrüňleri şeýle-de Magtymguly, Şeýdaýy, Kemine, Mollanepes, Mätäji, Körmolla, Hally, Duwan ýaly şahyrlaryň, "Melike Delaram" dessanyndan goşgular tutuşlygyna ýa-da bölekleýin ýerleşdirlipdir.

Diliň praktiki meseleleri, elip-biýi we orfografiýa meseleleri elmydama köpçüligiň üns merkezinde durýar. Bu ugurlardan, Allaguly Garahanowyň eden işleri az däl. Ol 1920-nji ýylyň 1-nji ýarymynda türkmen dili üçin uly zähmete eýe bolan arap ýazuwny reformlaşdyrmak işine gös-göni gatnaşýar. Bu mesele-de özbaşdak bir gurama esaslandyrylýar, A.Garahanow oňa ýolbaşçylyk edýär. Muňa türkmen döwlet uniwersitetiniň alymlary tarapyndan taýýarlanan «Häzirki zaman türkmen dili, Aşgabat 1960» diýen okuw kitabynyň türkmen ýazuwynyň taryhyndan gysgaça maglumat atly bölüminde getirlen maglumatlar hem güwä geçýär.

Allaguly Garahanow, terjimeçi hökmünde hem köp iş bitripdir. Ol Türkmenistanyň Kommunist partyýasynyň MK-niň sekretarlaryndan Halmyrat Sähetmyrat bilen bilelikde ýazyjy Kuwalenko-niň" «Syýasy döwlet» eserini türkmen diline terjime edip, 1923-nji ýylda Daşkentde neşir etdirýär. Şol eser 1925-nji ýylda Aşgabatda hem çap edilýär. Şeýle-de alym medisina we himiýa barasyndaky kitaplary hem türkmen diline terjime edipdir. Tussag astynda saklanýarka, sorag edilende beren jogaplaryndan çen tutsaň,

Türkmeni Öwreniş Merkez

A.Garahanowyň türkmen diliniň grammatikasy boýunça ýazan kitaby 1929-nji ýylda doly taýýar bolupdyr. Şol ýyl Aşgabatda M.Geldiýew bilen Ebad Alparowyň «Türkmen diliniň grammatikasy», Posselowskiniň «Türkmen dili üçin rusça» kitaplary çapdan çykýar. İki ýyldan soň A.Garahanowyň morfologiýa bagyşlanan, möçberi 100 sahypa golaýlaýan «Türkmen diliniň grammatikasy» diýen kitaby, merkezi «OGİZ» neşriýatynyň Orta Aziýa bölümi tarapyndan neşir edilip köpçülige ýetirilýär.

Alym hökmünde A.Garahanowyň adyny Türkmen dil biliminiň taryhyna hemişelik girzen, bu işler soňky döwürlerde ýerine ýetiren derňewlerde ýokardakylar ýaly aýratynlyklary, şol sanda kemçilikleri geçilýän-de bolsa, onuň türkmen diliniň morfologiýasynyň öwrenilşinde tutýan anyk orny, dilimiziň gramatikasy hakynda taglymatynyň ösüşine awtoryň goşan goşandy entek doly kesgitlenenok. Geljekde A.Garahanowyň ömür ýoly we ylmy döredüjiligi jikme-jik öwrenilip, onuň bize galdyran myýrasyna obýektiw baha beriler diýip umyýt edýäris. Ýokarda aýdylanlardan belli boluşy ýaly, ol muňa hemme tarapdan doly mynasyýp adam.[1]

*****************

Türkmeni Öwreniş Merkez

[1] Allaguly Garahanow hakyndaky makala Meretgeldi Söýekowyň 1993-nji ýylda Aşgabatda çap bolan 10 çynar kitabyndan hem-de onuň bilen önüp ösen Pirnepes aganyň ýatlamalaryndan alyndy.